# Alymlardan koronawirus boýunça BSGG-na açyk hat

Category: Kitapcy,Medisina,Nukdaýnazar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Alymlardan koronawirus boýunça BSGG-na açyk hat ALYMLARDAN KORONAWIRUS BOÝUNÇA BSGG-na AÇYK HAT

Iki ýüz kyrka golaý alymyñ Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasyna (BSGG) ýazan açyk hatynda wirusyñ howa arkaly ýaýrama mümkinçiliginiñ bardygy nygtaldy. Hususanam alymlaryñ hatynda guramanyñ wirusyñ howa arkaly ýaýrama ähtimallygyny gözden salandygy hem aýdyldy.
Bütin dünýäni gaplap alan koronawirusyñ garşysyna häzirem belli bir derman serişdesi ýa-da waksina tapylmady we bu baradaky gyzgyn jedelleriñem gowry ýatarly däl. Alymlaryñ bir topary bu jedellerde orta atylýan pikirleri biraz başgaçarak nukdaýnazardanam bolsa, umuman makullaýarlar.
Otuz iki ýurtdan iki ýüz otuz dokuz alymyñ BSGG-na ýazan açyk hatynda koronawirusyñ howa arkaly hem geçip bilýändigi aýdyldy. Bu eýýäm subut edilen ýagdaý, emma alymlar meseläni hasam çuñlaşdyrýarlar.

- **Howadan ýaýrama howpy**

Häzirki garaýyş wirusa ýolugan kişiniñ burnundan we agzyndan çykan damjajyklar arkaly kowid-19-yñ ýaýraýandygy barada.
BSGG jem köpçülikleýin ýokanjyñ başlanan wagtyndan bäri dem alyş ýollaryndan syçraýan damjajyklaryñ çaltlyk bilen ýere düşýändigi üçin sosial aradaşlyk düzgünlerini berjaý etmegi ündeýär.
Emma açyk haty ýazan alymlar guramanyñ aerozollar diýip atlandyrylan ownuk damjajyklaryñ howada uçuşyp ýörmek arkaly geçýändigini gözden salandygyny aýdýarlar. Hut şol aerozollar hem damjajyklardan has çalt hereket edip bilýärler we infeksiýany göterýän kişi duran ýerinden daşlaşan ýagdaýynda-

da, şol ýeriñ howasynda birnäçe wagtlap saklanyp bilýär.
Açyk hatda aýdylyşy ýaly birnäçe ylmy-barlag işlerinde mikrodamjajyklaryñ howada saklanyp bilýändigi subut edildi. Bu mikrodamjajyklar infeksiýany göterýän kişiniñ 1-2 metr uzaklykdanam howp ýaýradyp bilýändigine ünsi çekilýär. ABŞ-nyñ Döwlet saglyk instituty tarapyndan geçirilen laboratoriýa testleriniñ möhletinden öñ çykaran netijelerine görä koronawirus aerozol şeklinde howada dört sagatlap saklanyp bilýär.
Üstümizdäki ýylyñ aprel aýynda «Nature» žurnalynda çap edilen ylmy makalada Hytaýyñ Uhan şäherindäki iki hassahanadan toplanan aerozollarda-da koronawirusyñ alamatlarynyñ bardygy subut edilipdi.
“Super ýaýylma” faktlary we delilleri muny hasam güýçlendirýär. «Technology Review»-da çap edilen habarda ABŞ-da geçirilen bir synagda howpsuz aradaşlygyñ saklanandygyna garamazdan ellä golaý adama wirus ýolukdy.
Eger wirus ýokarda aýdylşy ýaly howa arkaly geçýän bolsa, onda sosial aradaşlygy saklamagyñ manysyz zada öwrülmegem mümkin, hususanam ýapyk binalarda. Ýöne mundan diñe maska (agyz örtügi) dakmak arkaly goranyp bilersiñiz, şonuñ üçin mundan beýläk maska dakmak hökmany şerte öwrülip biler. Aýratynam koronawirusa ýolugan näsaglara seredýän saglygy goraýyş işgärleri «N95» ýaly ýokary gorag maskalaryny dakmaly bolarlar.

Çeşme:
https://www.technologyreview.com/2020/07/07/1004841/a-group-of-239-scientists-say-theres-growing-evidence-covid-19-is-airborne/

Terjime eden: Guwanç MÄMILIÝEW. Medisina